**T. G. Diwanowa**

# HUKUK RESMINAMALARYŇ DÜZÜLIŞI

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Ylmy redaktor:**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty,**
**dosent G. A. Myradowa**

Aşgabat-2010

## Giriş

Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne çykaran Permanyndan, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-däki kararyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde birnäçe işler alnyp barylýar.

Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, demokratik, dünýewi we hukuk döwletiniň gurmaga tarap ugur aldy.

Türkmen halkynyň baý taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medenýetine esaslanýan, şol bir wagtyň özünde hem döwlet gurluşynyň öňdebaryjy pikirlerini we meýillerini göz öňüne tutýan türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasynyň kemala gelmegi we ösüşde tutuşlygyna döwlet hukugynyň baş ugrunyň köp taraply düzgünlerini durmuşa geçirmekde jemgyýetde syýasy durnuklylygy, ýurduň ilerleýji ykdysady ösüşiniň we durmuş taýdan adalatlylyk ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün etdi. Türkmenistanyň garaşsyz we hemişelik bitarap döwlet bolmagy türkmen halkynyň durmuşynda möhüm taryhy öwrülşikdir. Bu prosesiň tötänleýin hadysa däldigi, onuň obýektiw kanunalaýyklygydyr. Türkmenistanyň garaşsyz we hemişelik bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi. Ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplarynyň

demokratiýanyň esasynda özgerdilmegine Gurbanguly Berdimuhamedowyň bahasyna ýetip bolmajak ylmy teoretiki, syýasy-guramaçylyk işi irginsiz bitiren we bitirýän zähmeti ýatýar. Ýaş hünärmenleriň hünär derejesini derňew tejribeliginde peýdalanmak bilen kesgitlenilýär. Ýaş hünärmenleriň professional taýýarlygy jenaýat işleriniň üstüni açmakda we derňewi alyp barmakda gerekli bilimleri we usullary ulanmaklygy başarmak bilen peýda bolýar. Talyplar hukuk resminamasynyň dersini öwrenip, ruhy kesellerden ejir çekýänler-jenaýat etmekde aýyplanýan barlaga ugradylanda, nähili prosessual düzgünleriň bardygyny öwrenýärler. Olardan başga-da talyplar derňew döwründe ýüze çykjak soraglarda: ýagny, deslapky derňewde düzülýän resminamalaryň, derňew hereketleriniň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykda sülçiniň we kazyýetiň kabul edýän resminamalaryny, olaryň kanuna laýyklygyny we netijelerini, Düzülýän hukuk resminamalarynyň esaslandyrylşyny, jenaýat işini önümçilikden ýatyrmak bilen baglanyşykly resminamalary öwrenýärler.

Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň jenaýat düzediş hukugy dersi we ylmy bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt bildirýär.

## Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda bilimiň, ylymyň kämilleşdirilişi

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgertmeleriň netijesinde beýik Galkynyş eýýamynyň belent maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Döwletimiziň durnuklylygyny saklamak, jemgyýetiň jebisligini, asudalygyny we tertip-düzgüni üpjün etmek ýurt baştutanymyzyň ýöredýän içerki we daşarky syýasatlarynyň esasy ugurlary bolup durýar. Bu taryhy wezipeleriň durmuşa geçirilmegi watanymyzy mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmekde, döwletiň demokratik we hukuk esaslaryny pugtalandyrmakda, jemgyýetimiziň raýat jemgyýeti derejesine ýetirmekde möhüm ähmiýetli ýagdaý bolup durýar. Täze Galkynyş eýamynda Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary netijesinde döwlet we jemgyýet durmuşynda ylymyň we şol sanda hukuk ylymyň has-da ösmegine we berkemegine uly mümkinçilikler döredi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly. Berdimuhammedow döwlet baştutany wezipesine girişen dessine häzirkizaman türkmen jemgyýetini dünýä siwilizasiýasynyň belentliklerine galdyrmak maksady bilen, durmuşyň ähli ugurlarynda düýpli reformalary geçirmäge girişdi. Ol reformalaryň bilim hem ylym ulgamlaryny döwrebap kämilleşdirmekden başlanylmagy döwlet baştutanymyzyň il-ýurt bähbitli tutumly işleriniň iňňän

uzaklary nazarlaýandygyndan habar berýär. Çünki biziň halkymyzyň, döwletimiziň geljekki ykbaly ýaňy ösüp gelýän çuňňur ylymly-bilimli ýaşlara baglydyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidenti 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ne, Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky" Permana we "Türkmenistanda bilim hakynda " Türknenistanyň kanunyna üýtgetme girizmek hakynda" kanuna gol çekildi. Muňa laýyklykda ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýä derejesine ýetirmek maksady bilen orta mekdepler 10 ýyllyk, ýokary okuw mekdepleri bolsa 5 ýyllyk, lukmançylygyň we sungatyň aýratyn hünär ugurlary 6 ýyllyk möhlete geçirildi. 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-de ady agzalan Permandan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen bolsa " Bilim terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda" Karara, şol ýylyň mart aýynyň 30-na bolsa Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda" Permana gol çekdi. Mundan başga-da 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-ne biziň uniwersitetimizde hormatly Prezidentimiziň geçiren göçme Ministrler Kabinetiniň mejlisinda kabul eden "Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda", "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky" döwletli kararlary hormatly Prezidentimiziň başyny başlan beýik Galkynyş döwrüne täzeden badalga beren uly syýasy waka boldy.

Umuman aýdamyzda, Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakyndaky düzgünnamanyň tassyklanmagy ,

täze ýokary okuw mekdepleriniň açylmagy, täze okuw jaýlarynyň gurulmagy , täze sapaklaryň girizilmegi , daşary ýurtlara talyplaryň bilim almagy üçin iberilmegi, Türkmenistanyň ylym we bilim ulgamyna degişli birnäçe kanun toplumlarynyň kabul edilmegi, iş haklaryň dowamly artdyrylyp durulmagy, ýurdumyzda ylmyň we bilimiň häzirkizaman talaplaryna laýyk ösdürilmegine hormatly Prezidentimiziň aýratyn ýhlas siňdirýandigininiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 206-njy maddasyna laýyklykda kazyýet, prokuror, sülçi, anyklaýjy jenaýatlaryň alamatlary ýüze çykan mahalynda jenaýat işini gozgamaga , jenaýat wakasyny, jenaýat etmekde günäkär adamlary anyklamak we olara jeza çäresini bermek üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçlydyrlar.

Şeýlelikde kanun jenaýat işini gozgamak hakyndaky meseläniň çözülmegini adyl kazyýetlik edaralary tarapyndan jenaýatlaryň üstüni çalt we doly açmak hakyndaky meseläni gös-göni baglanyşdyrýar.

Jenaýat işini gozgamak tapgyry jenaýat prosesiniň ilkinji we başlangyç tapgyry bolup durýar. Bu tapgyryň düýp esasy ýörüte hukukly bolan edaralaryň we wezipeli adamlaryň özlerine berlen ygtyýarlyklarynyň çäginden çykman, bellenen möhletiň içinde jenaýat kazyýet önümçiligini ýöretmek üçin deliliň ýeterlik esaslary we kanunda göz öňünde tutulan şertleriň bardygy baradakly meselesine seretmeklerinden, zerur bolan barlag

hereketlerini geçirmek, goşmaça materiallary talap edip almakdan we lenaýat işini gozgamak ýa-da gozgamakdan ýüz döndermek baradaky çözgüdi kabul etmeklerinden ybarat bolup durýar.

Jenaýat işini gozgamak baradaky tapgyryň esasy mazmuny dine bir jenaýat işini gozgamak ýa-da gozgamakdan ýüz döndermek baradaky kararyň çykarylmagy bilen çäklendirilýän däldir.

Şu çözgütler kabul edilmezinden öň bar bolan materiallar barlanylýar we olara baha berilýär, gelen arza ýa-da habar boýunça jenaýat işini gozgaman olar derňemegiň ýa-da kazyýete degişliligi boýunça iberilen mahalynda jenaýatyň duýdurylmagyny we onuň öňüniň alynmagyny jenaýatyň yzlarynyň berkidilmegi boýunça zerur çäreler görülýär. Jenaýat işini gozgamak baradaky meselesiniň tiz we aýdyň çözülmegi jenaýatlaryň ýokary hilli derňelmegine ýardam berýär. Raýatlaryň, kärhanalaryň, edaralaryň , guramalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün edýär, halkyň öňünde anyklaýyş, deslapky derňew., prokuratura we kazyýet edaralarynyň abraýyny berkidýär.

Jenaýat işini gozgamak- bu jenaýat işi boýunça önümçilige başlanmagyny, işiň derňelmegine ýa-da kazyýet önümçiligine başlanmagyny aňladýar. Jenaýat işi gozgalandan soň anyklaýyş, derňew edaralary, prokuror, kazyýet jenaýatyň üstüni açmak , ony etmekde günäkärleri paş etmek we olaryň garşysyna jenaýat kanuny dogry ulanmak üçin jenaýat prosesual kanunda göz öňünde

tutulan ähli derňew, kazyýet hereketleri geçirmäge ygtyýarly bolýarlar. Buda jenaýat işini gozgamagyň prosesual ähmiýeti bolup durýar.

Jenaýat işini gozgamaga hukugy bolan edaralaryň we wezipeli adamlaryň gutarnykly sanawy jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 77-nji maddasynda kesgitlenen.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 216-njy maddasynda jenaýat işini gozgamagyň tertibi kesgitlenen. Şu madda laýyklykda , jenaýat işini gozgamaga doly esas toplanan mahalynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuroryň ygtyýar bermegi bilen, şeýle-de prokuroryň hut özi, kazy ýa-da kazyýet kodeksiň 206-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen tertipde jenaýat işini gozgaýar. Jenaýat işini gozgamak hakynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar, şonda munuň üçin sebäp bolan deliller we esaslary, gozgalýan işde jenaýat kanunyň jenaýatyň alamatlaryny görkezýän maddasyny , şeýle hem deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin işiň iberilýän edarasy görkezilýär.

Döwür häzirki hukuk ylymyndan öz işine ökde, giň gözýetimli, ýokary hukuk medeniýetli, işde we durmuşda ýüze çykýan dürli çylşyrymly meseleleri aňsatlyk bilen çözmäge, zähmet kollektiwinde guramaçylyk we ýolbaşçylyk wezipelerini ýerine ýetirmäge ukyply hünärmeni talap edýär. Bu hünärmeniň hukuk bilimleri düýpli nazarýet taglymatlaryna we

durmuşy ösüşiň taryhy kanunylyklaryna içgin düşünmeklige esaslanmalydyr we hukuk döwletiniň syýasaty, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynyň ýörelgeleri ýaly umumy ulgamlarda, şeýle hem tejribede döreýän aýry-aýry hukuk ýagdaýlarda baş çykaryp bilmekde we dogry çözgüt kabul etmekde oňa ýardam bermelidir. Şeýle zerur hukuk bilimleriň biri hem – jenaýat iş ýöredişidir. Jenaýat iş ýöredişi jenaýat-hukuk dersleriniň toplumyna girmek bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň hukuk öwreniş fakultetlerinde we bölümlerinde okadylýan esasy okuw dersleriniň biridir. Ähli hukuk pudaklary maddy we iş ýorediş görnüşlerine bölünýärler. Mysal üçin, jenaýat hukugy- maddy hukuk pudagy bolup, ol haýsy hereketler jenaýat bolup durýandygyny, jenaýatyň alamatlaryny, onuň düzümini we maddalaşdyrylyşyny kesgitleýär hem-de öwrenýär. Jenaýat iş ýöredişi bolsa, iş ýörediş hukuk pudagy bolup durýar we jenaýat edilen ýagdaýynda jenaýat işini gozgamagyň, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmekligiň we jenaýat işi boýunça beýleki derňew hereketleriniň geçirilmeginiň, kazyýet tarapyndan adyl kazyýetlik işiniň amala aşyrmagynyň tertibini we şertlerini kadalaşdyrýar hem-de öwrenýär. Başgaça aýdanyňda, jenaýat iş ýöredişi jenaýat hukugynyň kadalaryny nädip durmuşa geçirilmelidigini kesgitleýär. Şeýlelik bilen biz has ýönekeýräk aýdanymyzda, jenaýat hukugy - “näme?” diýen soraga jogap berýän bolsa, jenaýat iş ýöredişi – “nähili ýol

bilen?”, “nädip?” diýen soraglara jogap berýär diýip kesgitläp bileris. Hukuk edebiýatlarda jenaýat iş ýöredişi- “Jenaýat prosesi”, “Jenaýat kazyýet önümçiligi” diýlip dürli-dürli atlandyrylýan pursatlary hem duş gelýär, muňa ýalňyşlyk hökmünde düşünmeli däldir, bu adalgalar bir-birine manydaş bolup şol bir zady aňladýandyrlar.

Eger jenaýatdan ejir çekeniň kimdigi anyklanan bolsa onda jenaýat işini gozgamak bilen birwagtda , ol adam jebir çeken diýip bilinýär. Eger-de, jenaýat hakyndaky arza ýa-da habar bilen bilelikde raýat hak islegi bildirlen bolsa, onda şol adam karar(kesgitnama) bilen raýat hak isleýjisi diýip bilinýär.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 218-nji maddasynda , jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermekligiň tertibi kesgitlenen. Şu maddada görkezilşi ýaly, jenaýat işini gozgamaga esaslar ýök bolan mahalynda we iş boýunça önümçiligi ýöretmegi aradan aýyrýan ýagdaýlar bar bolan mahalynda jenaýat işi alyp barýan edara jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderýär.Jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek barada anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror we kazy karar çykarýan bolsa, kazyýet kesgitnama çykarýar. Jenaýat işini gozgamkdan ýüz dönderlendigi barada 24- sagadyň dowamynda prokurora we jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adama , wezipeli adama, edara , kärhana, jemgyýetçilik birleşigine mälim edilýär we şikaýat etmegiň tertibi düşündirilýär

## Anyklaýyş we deslapky derňew barada umumy düşünje

Deslapky derňew - bu jenaýat prosesiniň esasy tapgyrynyň biridir. Deslapky derňew diýilmeginiň esasy sebäbi derňew materiallary esas bolup durýar, kazyýet seljerişi jenaýat işiniň merkezi tapgyry bolup durýar ýagny, onda jenaýat işiniň esasy soraglary- günäkärlik we jeza ýaly meseleler çözülýär.

Jenaýat işleriniň köpüsi deslapky derňew tapgyrynda geçýär. Deslapky derňew; Anyklaýşa we deslapky derňewe bölünýär.

Anyklaýyş diýip- jenaýat işini derňemekligiň ilkinji tapgyrynda jenaýatyň yzlaryny berkitmek we jenaýatçyny ýüze çykarmak hem-de jenaýatyň üstüni açmak üçin gaýra goýulmasyz geçirilýän hereketlere aýdylýar.

Anyklaýşyň materiallary deslapky derňewden geçmän kazyýete geçirilýär. Şonuň bilen birlikde islendik iş boýunça deslapky derňew anyklaýyşsyz geçirlip biliner.

Anyklaýyş edaralary Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 76-njy maddasynda kesgitlenen. Öz gezeginde anyklaýyş iki görnüşe bölünýär:

1. Deslapky derňewi hökman geçirmeli bolan işlere anyklaýyş geçirmek Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 235-nji maddasynda kesgitlenen .

2. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 235-nji maddasyna laýyklykda deslapky derňewi gçirmekligi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýşyň geçirilmegi kesgitlenen.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksine laýyklykda , işiň degişliligi şulardan aybarat:

1. Hilleýin ( pretmetleýin)
2. *2.* Ýerleýin (teritoriýalaýyn)
3. Şahsyýetleýin ( personallaýyn)
4. Garyşdyrylan ( alternatiwleýin)

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 74-nji maddasynda sülçiniň öz ygtyýarlyklary, kesgitlenen ýagny, sülçi jenaýat işleri boýunça deslapky derňewi öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde geçirmäge Kodeksde göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlary amala aşyrmaga ygtyýarlandyrylan wezipeli adamdyr.

Prokuroryň sanksiýasyny almak kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga wagtda sülçi deslapky derňew geçirilende, derňewiň ugry hakynda we derňew hereketlerini geçirmek hakynda hemme çözgütleri özbaşdak kabul edýär we olaryň kanunalaýyk hem-de öz wagtynda ýerine ýetirilmegine doly jogapkärçilik çekýär.

Deslapky derňew geçirmek hökman bolan işler boýunça sülçi, anyklaýyş edaralarynyň Kodeksiň 235-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri ýerine ýetirmegine garaşmazdan, deslapky derňewi geçirmäge islendik pursatda girişmäge haklydyr.

Sülçi özüniň derňeýän işleri boýunça gözleg hem-de derňew hereketlerini geçirmek hakynda anyklaýyş edaralaryna tabşyryk we görkezme bermäge hem-de aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmegi anyklaýyş edaralaryndan talap etmäge haklydyr. Sülçiniň öz

önümçiligindäki derňeýän jenaýat işi boýunça kanuna laýyklykda çykaran kararlaryny ähli edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň ýerine ýetirmegi hökmanydyr.

Derňew möhleti jenaýaty çalt açmak şeýle hem jenaýat prosesiniň subýektleriniň kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen kesgitlenýär.

Jenaýat işleri boýunça deslapky derňew jenaýat işiniň gozgalan gününden başlap iki aý möhletden gijä goýulman tamamlanylmalydyr.

Jenaýat işini gozgamak hakynda karar çykarylan gününden başlap işi aýyplaw netijenamasy bilen ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak baradaky meselä seretmek üçin işi kazyýete ibermek hakyndaky karar bilen prokurora iberilen gününe ýa-da jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak hakyndaky kararyň çykarylan gününe çenli geçen wagt deslapky derňewiň möhletine girýär.

Deslapky derňewiň möhletine şu Kodeksde göz öňünde tutulan esaslar boýunça deslapky derňewiň togtadylan döwri girmeýär.

Deslapky derňewiň möhleti sülçiniň delillendirilen karary esasynda aşakdaky ýagdaýlarda uzaldylyp bilner:

1) welaýat prokurory, welaýat hukukly şäher prokurory we olaryň orunbasarlary tarapyndan alty aýa çenli;

2) aýratyn çylşyrymly jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň möhletini bir ýyla çenli möhlete

uzaltmak Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň orunbasarlary, ondan artyk möhlete uzaltmak dine Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan amala aşyrylýar.

Deslapky derňewiň möhletini uzaltmak hakyndaky delillendirilen karary sülçi welaýat prokuroryna, welaýat hukukly şäher prokuroryna we olaryň orunbasarlaryna derňewiň möhleti geçmezden üç gije-gündiz, Türkmenistanyň Baş prokuroryna we onuň orunbasarlaryna bolsa ýedi gije-gündiz öň getirmelidir.

Jenaýat işi kazyýet tarapyndan goşmaça derňew geçirmäge gaýtarylan mahalynda, şeýle hem togtadylan, ýatyrylan işler boýunça önümçilik täzeden başlanan mahalynda jenaýat işleri boýunça goşmaça derňewiň möhleti derňewe gözegçilik edýän prokuror tarapyndan bir aý möhletiň çäklerinde bellenilip bilner. Bu möhlet kazyýet tarapyndan goşmaça derňew geçirmäge gaýtarylan işler boýunça işiň gözegçilik edýän prokurora gelen pursadyndan, togtadylan, ýatyrylan işler boýunça işi ýatyrmak ýa-da togtatmak hakyndaky karar sökülen we iş boýunça önümçilik täzeden başlanan pursadyndan hasaplanylýar. Şol işler boýunça mundan beýläk derňewiň möhletini uzaltmak Kodeksde bellenen tertipde geçirilýär.

Anyklaýşyň hökman geçirilmegi boýunça işler 10 gije gündizden gijä galman, hökman däl işler boýunça bolsa 1 aýda derňelmelidir we bu möhlet prokuror tarapyndan 1 aýa çenli uzaldylyp bilinýär.

## Aýyplanýanyň we jebir çekeniň hukuklaryny üpjün etmek boýunça kabul edilýän hukuk resminamalary

Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda şu Kodeksde bellenen tertipde özi barada karar çykarylan adam aýyplanýan diýlip hasap edilýär. Kazyýet mejlisinde seretmek üçin iberilen iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda meselesi çözülen aýyplanýan işi kazyýete berlen diýlip, işi kazyýet seljerişinde seredilýän aýyplanýan bolsa kazyýetde işi seredilýän diýlip atlandyrylýar. Aýyplanýandygy barada aýyplaw hökümi çykarylan adam iş kesilen diýlip, özi barada aklaw hökümi çykarylan aýyplanýan adam bolsa, aklanan diýlip atlandyrylýar.

Aýyplanýanyň hukuklary we borçlary ady agzalan kodeksiň 80-nji maddasynda kesgitlenendir.

Deslapky derňew tapgyrynda dürli prosesual hereketler geçirilýär. Olar öz jeminde jenaýatyň wakasynyň we ony etmekde günäkär adamlaryň anyklanmagyna gönükdirlendir.

Iş boýunça ähli ýagdaýlar subutnamalaryň üsti bilen anyklanýar. Subutnamalary ýygnamak we barlamak boýunça geçirilýän prosesual hereketler derňew hereketleri diýlip atlandyrylýar.

Guman edilýan hökmünde tutup saklamak - bu deslapky derňew tapgyrynda anyklaýyş edarasy ýa-da sülçi tarapyndan geçirilýän gaýragoýulmasyz geçirilýän derňew hereketidir.Onuň esasy adamyň jenaýata gatnaşygynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny aýdyňlaşdyrmak hem-de

tussag astyna almak görnüşinde bolan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk hakyndaky meseläni çözmek maksady bilen jenaýat etmekde guman edilýän adamy gysga möhletiň dowamynda (72-sagatdan köp bolmadyk) tutup saklamakdan ybarat bolup durýar.

Guman edilýani sorag etmegiň tertibi Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 255-nji maddasynda kesgitlenen.

Şaýatlary we jebir çekenleri deslapky derňewde sorag etmekligiň tertibi bolsa kodeksiň 253-nji maddasynda kesgitlenendir.

Adamyň synasyny gözden geçirmek- bu serediş geçirmekligiň başga bir görnüşi bollup durýar. Emma wakanyň bolan ýerini, töwerekdäki ýerleri, jaýlary, zatlary we resminamalary ýagny, jansyz obýektlere serediş geçirmekden tapawutlylykda, adamyň synasyna serediş geçirlende şahsyýetiň eldegrilmesizligidir we raýatlaryň şahsy azatlygy diýen hukugyna täsir edilýär, şol sebäpli ol aýratyn derňew hereketi bolup durýar. Synany gözden geçirmek jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 265-nji maddasynda kesgitlenen.

## Aýyplanýana günä yglan etmek, ätiýaçlyk çäreleri

Belli bir adama jenaýat edendigi barada aýyp bildirmäge esas bolup biljek ýeterlik subutnamalar bar mahalynda sülçi şol adamy aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda delillendirilen karar çykarýar.

Sülçi aýybyň bildiriljek gününi aýyplanýana mälim edýär we şonuň bilen birlikde oňa adwokat çagyrmak ýa-da adwokat gatnaşdyrmak barada sülçiden haýyş etmek hukugynyň bardygyny düşündirýär. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky kararda jenaýat üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan jenaýat kanunynyň maddasy, bölegi, bendi; aýyplanýan birwagtda birnäçe jenaýaty etmekde günäkärlenýän bolsa, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky kararda jenaýat kanunynyň maddalarynyň her birl boýunça aýyplanýana nähili anyk hereketleriň ýüklenýändigi görkezilmelidir. Karar çykarylandan son ýigrimi dört sagadyň dowamynda onuň göçürilen nusgasy prokurora iberilýär. Aýyp aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karar çykarylan gününden beýläk iki gije-gündizden gijä goýulman aýyplanýana bildirilmelidir. Aýyplanýanyň çakylyknama boýunça gelmedik halatynda, onuň gelen ýa-da mejbury getirilen güni aýyp bildirilmelidir. Sülçi aýyplanýanyň şahsyýetini anyklandan son aýyplanýan hökmünde jenaýat

jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karary oňa yglan edýär, bildirilen aýybyň düýp manysyny düşündirýär, bu barada şol kararda bellik edilýär, şeýle hem aýyplanýanyň Kodeksiň 80-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, bu hakda teswirnama düzülýär. Deslapky derňew hemişe jenaýat işini kazyýete ibermek ýa-da ony ýatyrmak baradaky çözgüdi kabul etmek bilen gutarylmaýar. Käbir halatlarda derňew işiniň gutarylmagyna päsgel berýän hem-de jenaýat işi boýunça önümçiligiň togtadylmagyna sebäp bolýan ýagdaýlar ýüze çykýar. Bu ýagadaýlar kanunda deslapky derňewi togtatmagyň esaslary diýlip atlandyrylýar. JIYK-nyň 46-njy we 308-nji maddalarynda şu aşakdaky esaslar göz öňünde tutulan. Jenaýat prosesinde ätiýaçsyzlandyryş çäreleri diýlip jenaýat iş ýörediş kanunynda göz öňünde tutulan serişdelerine düşünilýär. Olaryň ulanylmagy aýyplanýana belli bir derejede ruhy taýdan täsir edýär ýa-da anyklaýyşdan, deslapky derňewden we kazyýetden gizlenmek, iş boýunça hakykatyň anyklanmagyna päsgel bermek, jenaýatçylykly hereketlerini do warn etmek, hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek mümkinçiliklerden mahrum etmek maksady bilen onuň şahsy azatlygyny çäklendirýär. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň görnüşleri Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 147-nji maddasynda kesgitlenen.

Tussag astyna almak has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi bolup durýar. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kanun boýunça iki ýyldan köp bolan möhlet bilen

azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça prokuroryň sanksiýa bermegi bilen ulanylýar. Aýratyn halatlarda bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi kanun boýunça iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça hem ulanylýar.

## Deslapky derňewiň gutarylmagy bilen baglanyşykly resminamalar

Deslapky derňew işiniň gutarylmagy jenaýat işi boýunça sülçiniň we anyklaýyş edarasynyň edýän hereketleriniň jemleýji tapgyry bolup durýandyr.

Şu tapgyryň düýp mazmuny sülçi jenaýaty derňemek boýunça eden işleriniň netijelerini jemleýändiginden , ýygnan subutnamalaryna olaryň dolulygy, edilen etmişiň ähli ýagdaýlaryny barlamagyň hemme taraplaýyn hem-de iş boýunça gutarnykly çözgüt kabul etmek üçin ýeterlikdigine baha berýändiginden ybarat bolup durýar.Deslapky derňew işi hemmetaraplaýyn we doly geçirilýär, ähli ýagdaýlar dolylyk we hakykatlylygy bilen anyklanyldy diýip ykrar edip, sülçi deslapky derňewi gutarmak barada çözgüdi kabul edýär. Bu çözgüt degişli prosesual resminamada anyk kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 233-nji maddasynda bellenşi ýaly deslapky derňew aýyplaw netijenamasyny düzmek bilen ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak üçin işi kazyýete ibermek hakynda karar ýa-da jenaýat işini ýatyrmak hakynda karar çykarmak bilen we şu aşakdaky işleri ýerine ýetirmek arkaly tamamlanylýar:

1) aýyplaw netijenamasy ýanyna goşulyp, işiň kazyýete iberilmegi bilen;

2) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky meselä seretmek üçin işiň kazyýete iberilmegi bilen;

3) iş ýörediş kanunynda bellenen tertipde jenaýat işiniň ýatyrylmagy bilen.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 213-nji maddasynda kesgitlenen tertipde jenaýat işini önümçilikden ýatyrmagyň esaslary görkezilen. Jenaýat işiniň ýatyrylmagynyň tertibi bolsa kodeksiň 314-nji maddasynda kesgitlenendir. Sülçi toplanan subutnamalar aýyplaw netijenamasyny düzmek üçin ýeterlik diýip we iş boýunça hemme derňew hereketleri ýerine ýetirilen diýip hasaplap, bu hakda aýyplanýana yglan etmäge we oňa hut özüniň ýa-da adwokatynyň kömegi arkaly işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga, deslapky derňewiň üstüni ýetirmek we iş boýunça başga çözgütler kabul etmek hakynda haýyş bildirmäge haklydygyny düşündirmäge borçludyr. Aýyplanýana derňew hereketleriniň tamamlanandygy hakynda yglan edilmegi we onuň hukuklarynyň düşündirilmegi hakynda Kodeksiň tal apiaryny berjaý etmek bilen teswirnama düzülýär. Aýyplanýany we onuň adwokatyny işiň materiallary bilen tanyşdyrmak iş ýörediş kodeksiň 319-njy maddasynda takyk görkezilen.

## Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek

Kazyýet- adyl kazyýetligi amala aşyrýan ýeke täk edaradyr.

Işe kazyýet mejlisinde seretmek üçin ýeterlik esaslar bar diýen netijä gelenden soň, kazyýet serenjam mejlisinde günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda kesgitnama çykarýar. Şunda kazyýet aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyplaw netijenamasyndan aýyrmaga ýa-da has ýeňil jenaýat hakyndaky jenaýat kanunyny ulanmaga haklydyr, ýöne aýyplawyň kesgitlenen düýp manysyny üýtgetmeli däldir.

Aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyrmak hakyndaky ýa-da başga jenaýat kanunyny ulanmak hakyndaky çözgüt serenjam mejlisiniň kesgitnamasynda delillendirilmelidir.

Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-nji maddasyna laýyklykda ,kazyýete gelip gowşan jenaýat işiniň kazyýetiň önümçiligine alnyp, kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni kazy ýa-da kazyýet çözýär.

Kazyýetiň serenjam mejlisiniň tertibi kodeksiň 333-nji maddasynda kesgitlenen.

Kazyýetiň serenjam mejlisinde jenaýat işine seretmek kazynyň iş boýunça çykyşy bilen başlanýar, şol çykyşda kazy aýyplaw netijenamasynyň ýa-da ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň bellenilmeginiň nähili kemçilikleriniň bardygyny, olaryň kanunyň talaplaryna laýyk gelmeýän ýagdaýlaryny

we olaryň nämä esaslanýandygyny görkezýär. Serenjam mejlisine adwokatynyň gatnaşmaga we çykyş etmäge hukugy bardyr. Soňra kazyýet prokuroryň çykyşyny diňleýär we maslahat otagynda kesgitnama çykarýar.

Kazynyň kararynda we kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kararyň ýa-da kesgitnamanyň çykarylan wagty hem-de ýeri;

2) karar çykaran kazy ýa-da serenjam mejlisinde kazyýetiň düzümi, serenjam mejlisiniň kätibi, serenjam mejlisine gatnaşan prokuror, adwokat;

3) kabul edilen çözgütleriň esaslary we düýp manysy.

Kodeksiň 337-nji maddasy. Kazyýete gelip gowşan iş boýunça aýdyňlaşdyrylmaga degişli meseleler kesgitleýär ýagny,Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözen mahalynda kazy, serenjam mejlisinde bolsa kazyýet her bir aýyplanýan barada şu aşakdakylary aýdyňlaşdyrmalydyr:

1) iş şu kazyýete degişlimi;

2) iş boýunça önümçiligiň ýatyrylmagyna ýa-da togtadylmagyna alyp barýan ýagdaýlar ýokmy;

3) işe kazyýet mejlisinde seretmek üçin ýeterlik subutnamalar iş boýunça toplanypmy;

4) hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty alnan aýyplanýany kazyýet seljerişine getirmek mümkinçiligini üpjün etmek meselesi çözülipmi;

5) anyklaýyş we deslapky derňew geçirilende kazyýet seljerişiniň bellenilmegine päsgel berip biljek jenaýat iş ýörediş kanunynyň bozulmalaryna ýol berlipmi;

6) aýyplanýanlaryň derňew netijesinde anyklanan ähli jenaýatly etmişleri boýunça ýüklenýän aýyp bildirilipmi;

7) jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esaslaryň bolmagy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli adamlaryň hemmesi çekilipmi;

8) aýyplanýana ýöňkelýän etmişler babatynda jenaýat kanuny dogry ulanylypmy;

9) aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda dogry düzlüpmi;

10) aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi öňküligine galdyrylmaga, üýtgedilmäge, ýatyrylmaga ýa-da saýlanyp alynmaga degişlimi;

11) jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny we mümkin boljak emlägiň muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreler görlüpmi;

12) aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky mesele çözlüpmi;

13) arzalar, haýyşlar we edilen şikaýatlar kanagatlandyrylmaga degişlimi;

14) jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýok etmek üçin çäreler görlüpmi.

Kazy işi kazyýet mejlisinde seretmäge ýeterlik esaslar bar diýip hasaplan mahalynda, günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda karar çykarýar.

## Jenaýat işiniň birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde işi seljermegiň tertibi we onda düzülýän resminamalar. Raýat işi kazyýet seljerişine taýýarlamak

Şikaýatlar we teklipnama hökümi çykaran kazyýetiň üsti bilen berilýär, ýöne şikaýatlaryň we teklipnamanyň bellenen möhletde gönüden-göni ikinji basgançakly kazyýete berilmegi şol şikaýata we teklipnama seretmäge päsgel bermeýär. Gönüden-göni ikinji basgançakly kazyýete gelip gowşan şikaýatlar we teklipnama şu Kodeksiň 441-nji maddasynda we 442-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmek üçin hökümi çykaran kazyýete iberilmäge degişlidir. Işe gaýtadan seredilen mahalynda çykarylan höküme umumy tertipde şikaýat edilip ýa-da teklipnama getirilip bilner.

Kazyýet seljerişini tamamlaýan höküm, karar ýa-da kesgitnama çykarylmazyndan öň, kazyýet mejlisinde şol iş boýunça çykarylan başga kararlar ýa-da kesgitnamalar barada şikaýat edilmegine we teklipnama getirilmegine ýol berilmeýär. Iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasy barada dine kazyýetde işiň seljerilmegi başlanmazdan öň şikaýat edilýär we teklipnama getirilýär.

Nägilelik tertibinde teklipnama getiren döwlet aýyplaýjysy, degişli etrap we etrap hukukly şäher prokurory ýa-da ýokarky prokuror işe ikinji basgançakly kazyýetiň mejlisinde seredilip başlanmazyndan öň

teklipnamany yzyna almaga haklydyr, nägilelik tertibinde şikaýat eden adam bolsa şikaýatyny yzyna almaga haklydyr. Welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetleri şikaýat ýa-da teklipnama boýunça işlere onuň gowşan gününden beýläk on bäş gije-gündizden gijä goýman seretmelidirler. Iş aýratyn çylşyrymly häsiýete eye bolanda ýa-da başga aýratyn halatlarda, degişli kazyýetiň başlygy öz karary bilen bu möhleti on gije-gündizden artyk bolmadyk möhlete uzaldyp biler. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar kollegiýasy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna şikaýat ýa-da teklipnama boýunça gowşan işe onuň gowşan gününden beýläk bir aýdan gijä goýman seretmelidir. Aýratyn halatlarda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy ýa-da onuň orunbasary agzalan möhleti özüniň karary bilen bir aýdan artyk bolmadyk möhlete uzaldyp biler.

Ikinji basgançakly kazyýetde işe seretmegiň möhleti uzaldylan mahalynda, iş ýöredişe gatnaşyjylara bu barada öz wagtynda habar berilmelidir.

Kazyýet işe nägilelik tertibinde seredilmegi netijesinde şu aşakdaky kesgitnamalaryň birini çykarýar:

1) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini üýtgetmän galdyrmak, şikaýaty ýa-da teklipnamany bolsa kanagatlandyrman galdyrmak hakynda;

2) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi ýatyrmak hakynda;

3) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini üýtgetmek hakynda;

4) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi degişlilikde iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek ýa-da kazyýet seljerişi pursadyndan birinji basgançakly kazyýetiň täzeden seretmegi üçin ibermek hakynda;

5) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi şu Kodeksiň 342-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen esaslar boýunça goşmaça derňewe ibermek hakynda.

## Raýat işiniň birinji, nägilelik (kassasion) we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde garalşy

Kazyýet aşakdaky ýagdaýlarda raýat işine garamaga girişýär:

1) öz hukugynyň ýa-da kanun tarapyndan goralýan bähbidiniň goralmagyny sorap ýüz tutýan adamyň arzasy boýunça;

2) prokuroryň arzasy boýunça;

3) döwleti dolandyryş organlarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we olaryň birleşikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da aýry-aýry grahdanlaryň arzasy boýunça, ýagny bular başga adamlaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny sorap, kanun boýunça suda ýüz tutup bilýjm halatlarynda.

Hak islegini ýörediş işleri boýunça hak isleýiş arzalary berilý^r, administratiw-hukuk gatnaşyklardan gelip çykýan işler boýunça hem-de aýratyn ýöredilýzm işler boýunça şikaýatlar we arzalar berilýär.

Işe düýp manysy boýunça garamaklyk başlyklyk edijiniň ýa-da halk oturdaşynyň iş barada doklad etmegi bilen başlanýar. Soňra başlyklyk ediji hak isleýjiniň öz talaplaryny goldaýandygyny-goldamaýandygyny, hak isleýjiniň talaplaryny jogap berijiniň, ykrar edý,o,ndigini-etmeý,zindigini hem-de taraplaryň işi barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak bilen gutarmak isleýäniklerini-islemeýädiklerini soraşyp görýär.

Ähli subutnamalara garalandan son, başlyklyk ediji işiň materiallarynyň üstüni haýsy-da bolsa bir zat bilen ýetirmek isleýändiklerini-islemeýändiklerini işe gatnaşýan adamlardan we wekillerden soraşyp görýär. Şunuň ýaly isleg bolmadyk mahalynda başlyklyk ediji iş derňelip gutaryldy diýip yglan edýär hem-de kazyýetde çykyp geplemeleri we prokuroryň netijenamasyny diňlemäge geçýär.

Kazyýetde hak isleýiş arzasynyň Kodeksiň 127, 128-nji we 129-njy maddalarynda beýan edilen talaplary berjaý etmezden berlendigini ýa-da onuň üçin döwlet poşlinasynyň tölenilmändigini takyklasa, arzany hereketsiz galdyrmak hakynda kesgitleme çykarýar, bu hakda bolsa hak isleýjä habar berýär we kemçilikleri düzetmek üçin oňa möhlet berýar.

Eger hak isleýji kazynyň görkezmelerine laýyklykda we bellenilen möhletde şu Kodeksiň 127, 128- nji we 129-njy maddalarynda sanalyp geçilen #hli talaplary ýerine ýetirse ýa-da döwlet pajyny tölese, onda hak isleýiş arzasynyň ilkibaşky suda berlen güni onuň suda berlen güni diýlip hasap edilýflr. Eger şeýle edilmese, arza berilmedik diýlip hasap edilýflr we ol hak isleýjä gaýtarylyp berilýär.

Raýat işi boýunça arzany kabul etmek hakyndaky meseläni kazynyň bir özi çözýär.

Kazy aşakdaky halatlarda arzany kabul etmekden ýüz dönderýär:

1) eger arza kazyýetde garalmaga degişli bolmasa;

2) eger kaza ýüz tutan gyzyklanýan adam işi ilki sudsuz çözmek barada işleriň şu kategoriýasy üçin kanunda bellenen tertibi berjaý etmedik bolsa;

3) eger kazyýetiň hut şol taraplaryň arasyndaky jedel boýunça, hut şol predmet hakynda we hut şol esaslar boýunça çykaran we kanuny güýje giren çözgüdi ýa-da hak isleýjiniň hak isleginden ýüz döndermegini kabul etmek hakynda ýa-da taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak hakynda suduň kanuny güýje giren kesgitlemesi bar bolsa;

4) eger kazyýetiň ýöretmeginde hut şol taraplaryň arasyndaky jedel boýunça, hut şol predmet hakynda we hut şol esaslar boýunça iş bar bolsa;

5) eger hut şol taraplaryň arasyndaky jedel barada, hut şol predmet hakynda we hut şol esaslar boýunça ýoldaşlyk sudy öz kompetensiýasynyň çäklerinde çözgüt çykaran bolsa;

6) eger şu jedeli bitaraplar kazyýetiniň çözmegine bellemek hakynda taraplaryň arasynda şertnama baglaşylan bolsa;

7) eger iş şol kazyýete degişli bolmasa;

8) eger arza kämillik ukyby bolmadyk adam tarapyndan berlen bolsa;

9) eger gyzyklanýan adamyň adyndan ýazylan arza işi ýöretmäge ygtyýarly bolmadyk adam tarapyndan berlen bolsa.

Kazy arzany kabul etmekden ýüz dönderende bu hakda delillendirilen kesgitleme çykarýar. Kazynyň Raýat

iş ýörediş kodeksiniň 131-nji maddanyň 2-nji, 7-nji, 8-nji we 9-njy punktlarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça arzany kabul etmekden ýüz döndermegi, eger ýol berlen bozuş aradan aýrylsa, hut şol iş boýunça arza bilen suda ikinji gezek ýüz tutmaga päsgelçilik bermeýär.

Arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitlemede kazy, eger iş şu suda degişli bolmasa, onda arza berijiniň haýsy organa ýüz tutmalydygyny ýa-da işiň ýüze çykmagyna päsgel berýän ýagdaýlary n#dip aýyrmalydygyny görkezmflge borçludyr.

Hak isleýiş arzasyny kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kazynyň çykaran kesgitlemesi arza berijiniň beren dokumentleri bilen birlikde oňa gaýtarylyp berilýär. Bu kesgitleme barada hususy şikaýat ýa-da hususy garşylyk bildirilip bilner.

Eger kazy, kazyýet oturdaşy, prokuror, kazyýet mejlisiniň sekretary, ekspert we terjimeçi işiň netijesine şahsy, gös-göni ýa-da gytaklaýyn gyzyklanýan bolsa ýa-da olaryň tarapgöýsüzligine şübhe döredýan başga ýagdaýlar bar bolsa, olar işe garamaga gatnaşyp bilmezler hem-de çetleşdirilmelidir.

Olar şu aşakdaky ýagdaýlarda işe garamaga gatnaşyp bilmez:

1) eger olaryň iş boýunça kazyýetiň düzümine girýän beýleki kazylar bilen kowum-garyndaşlygy bar bolsa;

2) eger olar taraplaryň, işe gatnaşýan beýleki adamlaryň ýa-da wekilleriň kowum-garyndaşlary bolup durýan bolsa;

3) eger olar şu işe şaýat, ekspert, terjimeçi, wekil, prokuror, sud mejlisiniň sekretary hökmünde gatnaşan bolsa;

4) eger olaryň hut özleri, olaryň kowum-garyndaşlary işiň netijesine gös-göni ýa-da gytaklaýyn gyzyklanýan bolsa.

Birinji instansiýaly kazyýetde raýat işine garamaga gatnaşan kazy bu işe kassasion instansiýaly kazy ýa-da kazyýet gözegçiligi tertibinde garamaga gatnaşyp bilmez, şeýle hem birinji instansiýaly sudda işi aslyýeti boýunça çözen we onuň gatnaşmagy bilen çykarylan çözgüt, kesgitleme ýa-da karar ýatyrylan mahalynda, birinji instansiýaly sudda işe t/jzeden garamaga gatnaşyp bilmez.

Kassasion instansiýaly kazyýetde işe garamaga gatnaşan kazy birinji instansiýaly sudda ýa-da sud gözegçiligi tertibinde bu işe garamaga gatnaşyp bilmez, şeýle hem onuň gatnaşmagy bilen çykarylan kesgitleme ýatyrylandan son kassasion instansiýaly sudda işe täzeden garamaga gatnaşyp bilmez.

Sud gözegçiligi tertibinde işe garamaga gatnaşýan sudýa birinji instansiýaly we kassasion instansiýaly sudda hut şol işe garamaga gatnaşyp bilmez.

Welaýat, Aşgabat şäher kazyýetiniň ýa-da Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň prezidiumynyň agzasy prezidiumda işe garamaga gatnaşan bolsa, onda ol birinji instansiýaly sudda, kassasion instansiýaly kazyýetde ýa-da gözegçilik tertibinde grahdan işleri baradaky sud kollegiýasynda şol işe garalmagyna gatnaşyp bilmez.

Türkmenistanyň Yokary kazyýetiniň agzalary ýokary kazyýetiň plenumynyň düzüminde işe garamaga gatnaşmagy bu işe birinji instansiýaly, kassasion we gözegçilik instansiýaly kazyýetde täzeden garamak hukugyndan ony mahrum etmeýär.

## Täze ýüze çykan ýagdaýlar böýunça jenaýat işlerini täzeden gozgamak

Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamasy we karary täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça sökülip we iş täzeden gozgalyp bilner.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça jenaýat işini täzeden gozgamak üçin esaslar şu aşakdakylardyr:

1) jebir çekeniň ýa-da şaýadyň beren görkezmeleriniň, bilermeniň netijenamasynyň görnetin ýalandygynyň, şonuň ýaly-da maddy subutnamalaryň, derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalarynyň we beýleki resminamalaryň galpdygynyň ýa-da terjimäniň görnetin nädogrydygynyň we bularyň bikanun ýa-da esassyz hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň çykarylmagyna getirendiginiň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;

2) anyklaýjynyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň jenaýatly hereketleriniň bikanun ýa-da esassyz hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň çykarylmagyna getirendiginiň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;

3) kazylar şu işe sereden mahalynda olaryň jenaýatly hereketleriniň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;

4) hüküm ýa-da kesgitnama çykarylan mahalynda kazyýete mälim bolmadyk başga ýagdaýlar, ýagny öz-özünden ýa-da ozal anyklanan ýagdaýlar bilen birlikde iş

kesileniň bigünädigini ýa-da onuň iş kesilmegine sebäp bolan jenaýatyň has ýeňil ýa-da has agyr jenaýaty edendigini subut edýän, şonuň ýaly-da aklananyň ýa-da özi barada iş ýatyrylan adamyň günälidigini subut edýän ýagdaýlar.

3. Wagt möhletleriniň geçendigi, günä geçme ýa-da aýry-aýry adamlar barada rehim etme namasynyň ulanylandygy sebäpli, şeýle hem aýyplanýanyň aradan çykandygy ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli ýaşynyň ýetmeýändigi sebäpli hököm çykarmak mümkin bolmadyk mahalynda, şu maddanyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen täze ýüze çykan ýagdaýlar şu Kodeksiň 501-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde geçirilýän derňew bilen anyklanýar.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine täzeden seretmek welaýat, welaýat hukukly şäher kazyýetleriniň prezidiumlary tarapyndan amala aşyrylýar, eger degişli iş boýunça gözegçilik tertibinde Türkmenistanyň Yokary kazyýeti kesgitnama ýa-da karar çykaran halatynda bolsa, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy ýa-da Giňişleýin mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar.

Işiň öň hem ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilmegi, täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi täzeden gozgamak tertibinde onuň şol kazyýetde seredilmegine päsgel bermeýär.

Prokuroryň täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi täzeden gozgamak hakyndaky netijenamasyna şu Kodeksiň

490-njy maddasynda bellenen düzgünler boýunça kazyýet mejlisinde seredilýär.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça aýyplaw hökümine iş kesileniň peýdasy üçin gaýtadan seretmek hiç hili möhlet bilen çäklendirilmeýär.

Iş kesileniň aradan çykmagy onuň bozulan hukuklaryny dikeltmek maksady bilen ol hakdaky işiň täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden gozgalmagyna päsgel bermeýär.

Kazyýetiň aklaw hökümine, işi ýatyrmak hakyndaky kesgitnamasyna we kararyna, şeýle hem jezanyň ýeňildigi ýa-da iş kesilen barada has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurlygy sebäpli, kazyýetiň aýyplaw hökümine, kesgitnamasyna we kararyna gaýtadan seredilmegine dine Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 74-nji maddasynda bellenilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmeli wagt möhletiniň dowamynda ýol berilýär, ýöne, gaýtadan seretmek täze ýagdaýlaryň ýüze çykan gününden başlap bir ýyldan gijä goýulmaly däldir.

Täze ýagdaýlaryň ýüze çykan güni diýlip aşakdakylar hasap edilýär: 1) şu Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda, görnetin ýalan görkezme bermekde, ýalan subutnama

getirmekde, nädogry terjime etmekde, derňewiň ýa-da işe seretmegiň dowamynda jenaýatly hereketleri etmekde günäkärler baradaky hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň kanuny güýje giren güni;

Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan halatynda, täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň täzeden gozgalmagynyň zerurlygy hakyndaky netijenama prokuroryň gol çeken güni.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi gozgamak hukugy prokurora degişlidir.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň gozgalmagyna raýatlaryň arzalary, edaralaryň, guramalaryň ýa-da wezipeli adamlaryň habarlary, şeýle hem başga jenaýat işleriniň derňelmeginiň we seredilmeginiň dowamynda alnan maglumatlar deliller bolup durýarlar.

Eger gowşan arzada ýa-da habarda, şu Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlar bilen baglylykda kazyýetiň çykaran höküminiň bardygyna salgylanylan bolsa, prokuror öz karary bilen täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi gozgaýar, degişli derňewi geçirýär, hökümiň göçürilen nusgasyny we onuň kanuny güýje girendigi hakyndaky kazyýetiň güwänamasyny talap edip alýar.

Kazyýet täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi täzeden gozgamak hakyndaky prokuroryň netijenamasyna seredip, şu aşakdakylar hakynda kesgitnama ýa-da karar çykarýar:

1) kazyýetiň hökümini, kesgitnamasyny ýa-da kararyny sökmek we işi goşmaça derňew ýa-da täze kazyýet seljerişini geçirmek üçin bellemek hakynda;

2) kazyýetiň hökümini, kesgitnamasyny ýa-da kararyny sökmegiň we iş boýunça gutarnykly çözgüt

çykarmagyň işi täzeden derňemegi ýa-da täze kazyýet seljerişini talap etmeýän halatynda bolsa, işi ýatyrmak hakynda;

3) prokuroryň netijenamasyny ret etmek hakynda.

## HUKUK RESMINAMALARYNYŇ NUSGALARY

«TASSYKLAÝARYN»
Aşgabat şäherinin Köpetdag etrap prokurory ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi
B.A.Meredow
2007-nji ýylyň mart aýynyň «___________»

## AÝYPLAW NETIJESI

Türkmenistanyn JK-niň 228-nji maddasynyn *2*-nji bölegiriiň "a,b,w" bentleri we 33,185-nji maddasynyn 2-nji bölegi bilen aýyplanýan Serdar Nazarowiç Annamowyň garşysyna dernelen №11344 sanly jenaýat işi boýunça

Şu jenaýat işiniň gozalmagyna, raýat Orazguly Aşyrowiç Gurbanmuhammedowyň ýazan arzasy esas we sebäp boldy.

i.s. 1-8

Geçirilen deslapky derňewiň dowamynda aşakdakylar anyklandy:

Serdar Nazarowiç Annamowyň, 2005-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda, deslapky derňewiň dowamynda şahsyýeti anyklanmadyk "Sweta" atly näbelli aýal maşgala bilen deslapdan dilleşip, özüniň tanyşlary Orazguly Aşyrowiç Gurbanmuhammedowy, Arif Baýrammuhammedowiç Saparlyýewi we Garypnazar

Nownizewy, wezipeli adamynyň üsti bilen olary Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna işe ugratmak barada aldap aýdyp, olaryň ynamyna girip, ynamyndan hyýanatly peýdalanyp, olary para bermeklige yryp, meçew berip, O.A.Gurbanmuhammedowdaii 850 ABŞ-nyň dollaryny, A.B.Saparlyýewden 700 ABŞ-nyň dollaryny we G.Nowruzowdan 700 ABŞ-nyň dollaryny kezzapçylyk edip alan.

Şu jenaýat işi boýunça aýyplanýan hatarynda sorag edilen Serdar Nazarowiç Annamow, Türkmenistanyn JK-nyn 228-nji maddasynyn 2-nji böleginiň "a,b,w" bentleri we 33,185-fiji maddasynyn 2-nji bölegi bilen özüne bildirilen aýyby doly boýun alyp, şu aşakdakylary, görkezdi ýagny «2002-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyn JK-ň 228-nji maddasynyn 2-nji bölegi, 33-nji maddasynyn 4-nji bölegi, 185-nji maddasynyn 1-nji bölegi, 132-nji maddasynyn 1-nji bölegi, 200-nji maddasynyn 2-nji bölegi bilen kazyýet jogapkärçiügine çekilip, 2003-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyn Prezidentiniň "Günä-geçmek" hakyndaky permany esasynda azatlyga çykdym. Azatlyga çykyp gelmezimden ozal, Ýaşlyk şäherçesindäki derňew gabawhanasynda, kazyýet bolan Gurbanmuhammedow Oraz bilen tanyş boldum. Şondan son azatlyga boşanymyzdan son men onuň bilen gatnaşyp birek-birlerimiziň öýüne barýardyk. Waka barada günüň bersem şulardan ybarat, ýagny 1991-nji ýyldan bäri Sweta atly aýal maşgalany tanap gelýärin. Şondain soňra 2000-nji ýylda tötänleýin Sweta gabat gelenimde özüniň ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasynda işleýändigi barada aýdyp, maňa ABŞ

Döwletine işe ugradyp bilýändigi barada aýtdy. men bolsa bu teklibi özümiň tanyşym Oraz Gurbanmuhammedowe aýtdym, onda ol özüniň hem gitjekdigini aýdyp, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 16-güni, maňa 650 ABŞ-nyň dollaryny getirip berdi. Şondan soňra şol ýylyň oktýabr aýynyň ahyrynda, Oraz Gurbanmuhammedow, özüniň tanyşy Arif Saparaliýewi meniň ý any ma getirdi we onuň hem ABŞ Döwletine gitjek bolýandygyny hem-de meniň ol ýere ugratmaklyk üçin tanyşymyň bardygyny aýtdy. Şonda men daşary ýurda gitjek bolsaň pasportyň ntisgasyny, harby biletiň, nika hakyndaky şahadatnamanyň nusgalaryny we iki sany suratynyň, hem-de 500 ABŞ-nyň dollaryny tölemelidigi barada aýtdym. Soňra 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-güni, Oraz maňa Aşgabat şäherinde ýerleşen Daýhan bankyna gidip gelmekligimi sorady, onda men onuň bilen razylaşyp aýdylan ýere bardyk, ol ýere Arif Saparalyýew, özüniň tanyşy Garypnazar Nowruzowy alyp geldi. Şonda Arif ýokarda agzalyp geçüen dokumentleriň nusgasyny we 700 ABŞ-nyň dollaryny berdi. Şonda hem Garypnazaryň hem gitjek bolýandygy barada aýtdy, hem-de şondan bimäçe günden soňra Aşgabat şälieriniň Magtymguly şaýolunyň ugranda ýerleşen Turkmen Döwlet haryt çig mal biržasynyň golaýynda Garypnazar bilen duşuşyp, ondan 700 ABŞ-nyň dollaryny we ýokarda görkezilen resminamalaryň nusgalaryny aldym. Ertesi, ýagny 25.10.2005-nji ýylda, "Sweta" bilen" önünden ABŞ-nyň iiçihanasynyň golaýynda duşuşmaklyk barada gürleşip, Arifyň, Serdaryň we garypnazaryň özümiň resminalarymyzy we olaryň puttaryny, hem-de özümiň pulumy, ýagny jemi 2.030 dollaryny "Sweta" berdim. Şondan soňra "Sweta" bir aýdan

ählimiziň gitjekdigimiz barada aýtdy. soňra takmynyn 2005-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 20-22-lerine, men "Swetanyň " öýüne bardym we haçan ugratjakdygy barada soradym. Onda ol ýakyn günlerde gitjekdigimiz barada aýtdy. Bimäçe wagt geçenden soňra men "Swetanyň" öýüne bardym, şonda gapyny hiç kim açmady, şol sebäpli hem ABŞ-nyň Aşgabatda ýerleşen ilçihanasyna baryp, "Sweta" atly aýal maşgalanyň işleýändigini ýa-da işlmeýändigi barada soradym, onda maňa ol ýerde "Sweta" atly aýal maşgalanyň işlemeýändigi barada aýtdylar. Häzirki wagtda men Garypnazaryň 220 ABŞ-nyň dollaryny gaýtaryp berdim, jemi Arifden, Serdardan we Garypnazardan 2.030 ABŞ-nyň dollaryny aldym" diýip görkezme berdi.

i.s. 69

Aýyplanýan Serdar Nazarowiç Annamowyň özüniii günäsini doly boýun almagyna garamazdan, onun günäsi şaýatlaryfi görkezmeleri we jenaýat işinin gaýry materiallary bilen subut bolýar.

Şu jenaýat işi boýonça şaýat hatarynda sorag edilen Orazguly Aşyrowiç Gurbanmuhammedow şu aşakdakylary görkezdi, ýagny "2002-nji ýylyň fewral aýynda men Türkmenistanyň jenaýat kodeksinin 292-nji maddasynyn 3-nji bölegi bilen kazyýet jogapkärçiligine çekildim we 2003-nji ýyiyň noýabr aýynda azatlyga boşadym. Ýokarda gorkezilen jenaýaty etmekde aýyplanyp, Ýaşlyk şäherçesindäki AG-DM bölüminde saklanan wagtym, şol ýerde men Annamow Serdar bilen tanyş boldym. Azatlyga boşanymyzdan soňra bolsa onuň bilen gatnaşyp başladym. Şondan soňra ol Serdar maňa, Amerikanyn Birleşen ştatlarynyň Türkmenistandaky ilçihanasynda özüniň bilen

işleşen "Sweta" atly gyzynyň bardygyny aýdyp, ABŞ Döwletinde işlemeklik uçin gitmekligi teklip etdi, men bolsa onuň bilen razylaşanymdan soňra, ol 650 A3Ş dollaryny tölemelidigini hem-de pasport nusgalarymy we çagalarymyň doguluş hakyndaky şahadatnamalarynyň nusgalaryny bermelidigi barada aýtdy. Şondan soňra, men 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 16-na onuň oýüne, ýagny Aşgabat şäheriniň Arçman köçesiniň 37-nji jaýyna baryp, Serdara 650 ABŞ dollaryny berdim. 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň ahyrlaryna ol meniň ýanyma gelip, ABŞ Döwletine gitmeklik üçin ýene-de iki sany adamynyň gerekdigi barada aýtdy, men bolsa şol teklip barada oz tanyşlarym Arif Saparaliýew hem-de Garypnazar Nowruzow dagylara aýtdym. Olar hem öz gezeklerinde gitmeklige isleg bildirip, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne, Aşgabat şäheriniň Bitaraplyk köçesiniň ugrunda ýerleşýän Daýhan bankynyň golaýynda, meniň hem-de Garypnazaryň gatnaşmagynda Arif, Serdaryň eline 700 ABŞ dollaryny we ýokarda gorkezilen resminamalaryň nusgalaryny berdi. Şondan son 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 02-ne Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrunda ýerleşýen Turkmen Döwlet-haryt çig-mal biržasynyň golaýynda Garypnazar Nowruzow meniň hem-de Arifyň gatnaşmagynda Serdaryň eline 700 ABŞ dollaryny we ýokarda agzalan resminamalaryň nusgalaryny berdi. Şonluk bilen Serdar bize şu gün, ertir, birigün gideris diýip şu wagta çenli aldap pulumyzy yzyna gaýtaryp bermedi. Biziň ondan jemi algymyzyň möçberi 2.030 ABŞ dollary bolup durýar. Sebäbi Garypnazaryň 220 ABŞ dollaryny Serdar gaýtaryp yzyna berdi, şonluk bilen meniň 850 ABŞ dollarym, Garypnazaryň 480 ABŞ dollary we Arifyň 700 ABŞ

dollar}/ bize gaýtarylman galdy. Men Serdar Annaniowyň "Sweta" atly tanyşyny görmedim we ony tanamaýaryn" diýip görkezme berdi.

i.s. 42

Jenaýat işi boýunça şaýat hatarynda sorag edilen Arif Baýrammuhammedowiç Saparliýew şu aşakdakylary görkezdi, ýagny " Orazguly Gurbanmuhammedowy men köpden ban tanaýaryn, ony Grapynazar Nowruzowyň üsti bilen tanyş boldym. 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň ortalaryna Orazguly maňa we Garypnazara ABŞ döwletine gitmekçi bolýandygy hem-de gitmek islesek ýene-de iki adarn gerekdigi barada aýdandan son men hem gitmekçi bolup oňa gürleşmekligi tabşyrdym. Şondan son Orazguly meni Serdar bilen tanyşdyryp onuň daşary-ýurda iberýendigi barada aýdandan son men oňa ynanyp, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne, Aşgabat şäheriniň Bitaraplyk şaýolunyň ugrunda ýerleşýen Daýhan bankynyň golaýynda Orazgulynyň hem-de Garypnazaryň gatnaşmagynda Serdaryň eline 700 ABŞ dollaryny we özümiň pasport nusgamy hem-de çagalarymyň doguluş hakyndaky şahadatnamaiarynyň nusgasyny, ABŞ Döwletinde işe ýerleşmeldik üçin gitdim. berdim. Şondan soňra 2005-nji ýylyň. noýabr aýynyň 02-ne bolsa Garypnazar Nowruzow, Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrundaky Turkmen Döwlet-haryt we Çig-mal biržasynyň golaýynda Serdaryň eline 700 ABŞ dollaryny we özüniň pasport nusgasyny hem-de çagalarynyň doguluş hakyndaky şahadatnamalarynyň nusgasyny, ABŞ Döwletinde işe ýerleşmeklik üçin berdi, ýöne biz haçan ugradýandygy barada soranymyzdy, ol bizi aldap gezdi. Biz onuň aldaýandygy barada büenimizden son puly yzyna soradyk.

Serdaryň "Sweta" atly tanyş gyzynyň bardygy barada we onuň ABŞ-nyň ilçihanasynda işleýändigi barada aýtdy, emma biz ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasyna baryp "Sweta" barada soranymyzda, ol ýerde işiemeýändigi barada jogap berdiier.

i.s. 50

Derňewiň dowamynda şaýat hatarynda sorag edilen Garypnazar Nowruzow şu aşakdakylary görkezdi ýagny, " Serdar Annamowy öz tanyşym Orazguly Gurbanmuhammedowyň üsti bilen tanyşdym. 2005-nji ýylyň takmynan oktýabr aýynda Orazguly özüniň ABŞ döwletine işlemeklik üçin Serdar Annamowyň üsti bilen gidýändigi barada aýtdy we ýene-de iki sany oglan gerek diýeninden son men hem gitmeklige isleg bildirip, Orazgula gitjekdigim barada aýtdym. 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne, Aşgabat şäheriniň Bitaraplyk şaýolunyň ugranda ýerleşýen Daýhan bankynyň golaýynda Orazgulynyň hem-de meniň gatnaşmagymda Arif, Serdar Annamowyň eline 700 ABŞ dollaryny we özümiň pasport nusgamy hem-de çagalarymyň doguluş hakyndaky şahadatnamalarynyň nusgasyny berdim. Şondan soň 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 02-ne bolsa men, Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrundaky Turkmen Döwlet-haryt we Çig-mal biržasynyň golaýynda Serdaryň eline 700 ABŞ dollaryny we özümiň pasport nusgamy hem-de çagaiarymyň doguluş hakyndaky şahadatnamalarynyň nusgasyny berdim. Şondan soňra wagtyň geçmegi bilen biz Serdardan haçan gidýändigimiz barada soranymyzda ol şu gün, ertir diýip şu wagta çenli bizi ABŞ döwletine ibermedi. Biz enuň aldaýandygy barada büenimizden sonra pulumyzy sorap bir-näçe gezek

onuň oýüne bardyk, ýöne şu wagta çenli bizi aldap gezdi. Serdaryň "Sweta" atly tanyş gyzynyň bardygyny we onuň ABŞ-nyň ilçihanasynda işleýändigi barada aýtdy, emma biz ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasyna baryp "Sweta" barada soranymyzda, olar bize ýokdygy barada jogap berdiier" diýip görkezme berdi.

i.s. 46

Türkmenistanyn JK-nyň 57-nji maddasyna laýyklykda aýyplanýan S.N.Annamowyň günäsini ýeňilleşdirýän ýagdaýiar jenaýat işi boýunça ýüze çykmady.

Türkmenistanyn JK-nyn 58-nji maddasyna laýyklykda aýyplanýan S.N.Annamowyň günäsini agyrlaşdyrýan ýagdaýlary bolup jenaýatyň betnebislik meýilleri bilen edilendigi bolup durýar.

24.11.1974-nji ýylda Aşgabat şäherinde doglan, milleti türkmen, partiýanyň agzasynda duimaýan, orta bilimli, hiç ýerde işieroeýän, maşgalaly, Türkmenistanyn raýaty, ozal 13.03.2002 ýylda TJK-nyň 228 m.2b. "b", b. 33-185m.lb. 132 m. lb. we 200m. 2b bilen kazyýet jogapkärçiligine çekilen, Aşgabat şäheriniň Aşgabat Arçman köçesiniň 37-nji jaýynda ýaşaýan, Serdar Nazarowiç Annamow

AYYPLANÝAR: ýagny ol, gaýtadan, betnebis meýillerinden ugur alyp, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň ortalarynda, deslapky derňewiň dowamynda şahsyýeti anyklanmadyk "Sweta" atly näbelli aýal maşgala bilen deslapdan dilleşip, özüniň tanyşy Orazguly Aşyrowiç Gurbanmuhammedowy, öz öýünde, wezipeli adamynyň

üsti bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna işe ugratmak barada aldap aýdyp, onuň ynamyna girip, ynamyndan hyýanatly peýdalanyp, ony para bermeklige yryp, meçew berip, soňkydan 850 ABŞ-nyň dollaryny kezzapçylyk edip alan.

Ondan başgada, ol gaýtadan, jenaýatçylykly hereketlerini dowam etdirip, 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-güni, takmynan sagat 16:00-da, Aşgabat şäheriniň Bitaraplyk şaýolunyň ugrunda ýerleşen "Daýhan" bankynyň golaýynda, deslapky derňewiň dowamynda şahsyýeti anyklanmadyk "Sweta" atly näbelli aýal maşgala bilen deslapdan dilleşip, özüniň tanyşy Arif Baýrammuhammedowiç Saparaliýewi, wezipeli adamynyň üsti bilen Amerikanyň Birleşen Ştatiaryna işe ugratmak barada aldap aýdyp, onuň ynamyna girip, ynamyndan hyýanatly peýdalanyp, ony para bermeklige yryp, meçew berip, soňkydan 700 ABŞ-nyň dollaryny kezzapçylyk edip alan.

Ondan başgada ol, gaýtadan jenaýatçylykly hereketlerini dowam etdirip, 2005-nji ýylyň noýabr aýynyň 02-güni, takmynan sagat 19:00-öa, Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrunda ýerleşen Turkmen Döwlet haryt çig mal biržasynyň golaýynda, deslapky derňewiň dowamynda şahsyýeti anyklanmadyk "Sweta" atly näbelli aýal maşgala bilen deslapdan dilleşip, özüniň tanyşy Garypnazar Nowruzowy, wezipeli adamynyň üsti bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna işe ugratmak barada aldap aýdyp, onuň ynamyna girip, ynamyndan hyýanatly peýdalanyp, ony para bermeklige yryp, meçew berip, soňkydan 700 ABŞ-nyň dollaryny kezzapçylyk edip alan.

Ýagny, Serdar Nazarowiç Annamow, özüniň jenaýatçylykly hereketleri bilen, Türkmenistanyn JK-niň 228-nji maddasynyn 2-nji bölegininiň «a,b,w» bendinde gorkezilen jenaýaty eden, onuň maddalaşdyryş alarnatlary bolup, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topar tarapyndan, gaýtadan, başga biriniň emläginni ynamy hýanatly peýdalanmak ýoly bilea, kezzapçylyk edip, raýata ep-esli möberde zyýan ýetirmekligi bolup durýar;

Şeýle hem ol özüniň hereketleri bilen 33-nji maddasynyn 4-nji bölegi bilen-185-nji maddasynyn 2-nji böleginde gorkezilen jenaýatlary eden, onuň maddalaşdyryjy alamatlary bolup; gaýtadan, wezipeli adarna para bermeklige yryp, meçew berendigi bolup durýar;

Şu jenaýat işi boýunça deslapky dernew işleri geçirilip gutaryldy we Türkmenistanyn JIYK-nyfi 215-nji maddasyna laýyklykda aýyplaw netijesini tassyklamak hem-de jenaýat işini degişliligi boýunça kazyýete ibermek meseläni çözmek üçin, jenaýat işi Köpetdag etrap prokuroryna ibermeklige degişlidir.

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap
prokuraturasynyň uly sülçisi 3-nji
derejeli ýurist Y.Emirow

Kazyýet seljerişine çagyrylmaly adamlaryň
SANAWY:

S.N. Annamow Türkmenistanyn IIM-nifi JÝÝB-nm AG/D-1 tussaghanasynda

i.s. 59

Orazguly Aşyrowiç Gurbanmuhammedow, Aşgabat şäheriniň Howdan "B" ýa/t 44-nji jaýynyn 14-nji ýaşaýar.

i.s. 69

Garypnazar Nowruzow Aha! welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Bagyr obasynyň 8-mart köçesiniň 31-nji jaýynda ýaşaýar;

i.s. 50

Arif Baýrammuhammedowiç Saparliýew, Aşgabat şäheriniň 10 ýa/t A.Nyýazow 3-nji geçelgesiniň 10-jaýynyň 22-nji öýünde ýaşaýar;

i.s. 46

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap prokuraturasynyň uly sülçisi 3-nji derejeli ýurist Y.Emirow

18344 sanly jenaýat işiniň gidişi barada
KEPILNAMA:

1. Şu jenaýat işi 2007-njy ýylyň Nowraz aýynyň 05-güni, Serdar Nazarowiç Annamowyň garşysyna, Türkmenistanyn JK-nyn 228-nji maddasynyn 2-nji bölegi bilen gozgaldy.

2. 2007-nji ýylyň mart aýynyň 08-ne S.N.Nazarow babatda tussag etmek we ätiýaçsyzlandyryş çäresini seçilip alyndy.

3. 2007-nji ýylyn mart aýynyň 17-ne, S.N.Annamow, Türkmenistanyn JK-nyň 228-nji maddasynyn 2-nji böleginiň "a,b,w" bentleri bilen aýyplanýan hatarynda enaýat jogapkärçiiigine çekilip günä mälim edildi we 2007-nji ýylyň mart aýynyň 17- güni Türkmenistanyn JK-nyň 228-nji maddasynyn 2-nji böleginiň "a,b,w" bentleri we 33,185-nji maddasynyn 2-nji bölegi bilen täze günä bildirildi.

4. Jenaýat işi boýunça kazyýet çykdaýjylary ýok.

5. Şu jenaýat işinin deslapky dernewi, 2007-nji ýylyn mart aýynyň 17-güni tamamlandy we mart aýynyň 21-güni aýyplaw netijesi düzüldi.

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap
prokuraturasynyň uly sülçisi 3-nji
derejeli ýurist Y.Emirow

*(Kazyýet seljerişini bellemekwe raýat hak islegini üpjün etmek hakynda )*

**KARAR**

2009-njyýylyň25-nji iýuly N şäheri

Men, N şäher kazyýetiniň kazysy A.Aşyrow, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 229-njy maddasynyň 3-nji böleginde, 181-nji maddasynyň 2-nji böleginde we 187-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde aýyplanýan A.K.Durdyýew barada jenaýat işiň materiallaiyny öwrenip,

anykladym:

Jenaýat işi degişliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli.

Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, kazyýet mejlisinde seretmeklige ýeterlik esaslar bar.

Deslapky derňew geçirilende kazyýet seljerişiniň bellenmegine päsgel berip biljek, jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplarynyň bozulmagynaýol berilmändir.

Aýyplaw netijenamasy düzülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasynyň talaplary berjaý edilipdir.

Şoňa görä-de, jenaýat işi kazyýet seljerişine bellenilmäge degişli diýip hasaplaýaryn.

Şeýle-de, iş boýunça aýyplanýan A.K.Durdyýewe 32000 manatlyk zyýany töletmek barada hak isleginiň bildirilýändigini we zyýanyň aýyplanýan tarapyndan meýletin tölenmändigini nazara alyp, raýat hak islegini üpjün etmek maksady bilen aýyplanýan A.K.Durdyýewiň

emlägi ýazga alnyp, gozgamasyz edilse dogry bolar diýip hasap edýärin.

Beýan edilenler esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 169-njy, 330-njy, 337-nji we 339-njy maddalaryny gollanyp,

karar etdim :

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 229-njy maddasynyň 3-nji böleginde, 181-nji maddasynyň 2-njiböleginde, 187-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde aýyplanýan Arslan Kadyrowiç Durdyýe win jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaly we açyk kazyýet seljerişinde 2009-njy ýylyň 10-njy awgustynda sagat 10-da N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli.

Kazyýet seljerşiniň boljak ýeri we wagty barasynda prokurora, adwokata habar bermeli we aýyplanýany, raýat hak isleýjiniň wekilini we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmaly.

Aýyplanýan A.K.Durdyýew barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil hatynda galdyrmaly.

Raýat hak islegini üpjün etmek maksady bilen, aýyplanýan A.K.Durdyýewiň ýaşaýan salgysy boýunça-N şäheriniň N köçesiniň 10-njy jaýynyň 7-nji öýünde emläkleriň ýazgysyny geçirmeli we olary gozgamasyz etmeli.

Kararyň bu bölegini ýerine ýetirmekligi N şäher kazyýetiniň kazyýet ýerine ýetirij isine tabşyrmaly.

Kazy: A.Aşyrow

*(Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almak we kazyýet seljerişini bellemek hakynda )*

**KARAR**

2009-njy ýylyň 10-njy iýuly N şäheri

Men, N şäher kazyýetiniň kazysy K.Saparow, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 292-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulanjenaýaty etmekde aýyplanýan B.A.Kulow barada jenaýat işiň materiallaryny öwrenip,

anykladym:

Jenaýat işi degşliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli. Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, kazyýet mejlisinde seretmeklige ýeterlik esaslar bar.

Deslapky derňew geçirlende kazyýet seljerşiniň bellenmegine päsgel berip biljek jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplarynyň bozulmalarynaýol berilmändir.

Aýyplaw netijenamasy düzülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasynyň talaplary berjaý edilipdir.

Beýan edilenler esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-njy we 339-njy maddalaryny gollanyp,

karar etdim:

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 292-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulanjenaýaty etmekde aýyplanýan Berdi Amanowiç Kulowyň jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaly we açyk kazyýet

seljerişinde 2009-njy ýylyň 24-nji iýulynda sagat 10-00-da N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli.

Kazyýet seljerşiniň boljak ýeri we wagty barada prokurora, adwokata habar bermeli hem-de aýyplanýany we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmaly.

B.A.Kulow barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde-tussaglykda galdyrmaly.

Kazy: K.Saparow

*(Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, kazyýet seljerişini bellemek we aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek hakynda)*

**KARAR**

2009-njyýylyň 6-njyiýuly N şäheri

Men, N şäher kazyýetiniň kazysy H.Berdiýew, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 229-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde aýyplanýan D.S.Arslanow barada jenaýat işiň materiallaryny öwrenip,

anykladym :

Jenaýat işi degişliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli.

Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaga we kazyýet mej lisinde seretmeklige esaslar bar.

Deslapky derňew geçirilende jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplarynyň bozulmalaryna ýol berilmändir.

Aýyplaw netijenamasy düzülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasynyň talaplary berjaý edilipdir.

Şoňa görä-de, jenaýat işi kazyýetiň önümçiligine alynyp, kazyýet seljerişine bellenmäge degişli diýip hasap edýärin.

Şunuň bilen birlikde aýyplanýan D.S.Arslanowa bildirilen aýybyň häzirki işleýän wezipesi bilen baglydygyny, döwlete ýetirilen uly möçberdäki zyýanyň öweziniň dolunmandygyny we aýyplanýanyň eýeleýän wezipesi bilen baglylykda jenaýatyň dowam etmek mümkinçiliginiň aradan aýrylmandygyny nazara alyp, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 167-nji

maddasyna laýyklykda aýyplanýan D.S.Arslanow N şäherindäki ATK-1 kärhanasynyň başlygy wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirilmäge degişli diýip hem hasap edýärin.

Beýan edilenler esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-njy, 337-nji we 339-njy maddalaryny gollanyp,

karar etdim:

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 229-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde aýyplanýan Durdy Saparowiç Arslanowyň jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaly we açyk kazyýet seljerişinde 2009-njy ýylyň 17-nji iýulynda sagat 10-00-da N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli. Kazyýet seljerşiniň boljak ýeri we wagty barada prokurora, adwokata habar bermeli hem-de aýyplanýany, raýat hak isleýjiniň wekilini we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmaly.

Aýyplanýan D.S.Arslanow barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde - hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil hatyda galdyrmaly.

Aýyplanýan D.S.Arslanowy häzirki işleýän N şäherindäki ATK-1 kärhanasynyň başlygy wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmeli we kararyň bu bölegini ýerine ýetirmek üçin, onuň göçürilen nusgasyny Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligine ibermeli.

Kazy: H. Berdiýew

*(Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almak we ýapyk kazyýet seljerişini bellemek hakynda)*

**KARAR**

2009-njy ýylyň 10 -njy awgusty N şäheri

Men, N şäher kazyýetiniň kazysy B.Durdyýew, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 134-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "w,d" bentlerinde, 136-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde aýyplanýan A.H.Gurbanow barada jenaýat işiň materiallaryny öwrenip,

anykladym:

Jenaýat işi degişliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli.

Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, kazyýet mejlisinde seretmeklige ýeterlik esaslar bar.

Deslapky derňew geçirilende, kazyýet seljerşiniň bellenmegine päsgel berip biljek jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplarynyň bozulmalarynaýol berilipdir.

Aýyplaw netijenamasy düzülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasynyň talaplary berjaý edilipdir.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 27-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat işi kazyýetiň ýapyk seljerişinde garalmaga degişli.

Beýan edilenler esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-njy we 339-njy maddalaryny gollanyp,

karar etdim :

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 134-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "w,d" bentlerinde, 136-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde aýyplanýan Amanguly Hydyrowiç Gurbanowyň jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaly we ýapyk kazyýet seljerişinde 2009-njy ýylyň 21 -nji awgustynda sagat 10.00-da N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli.

Kazyýet seljerişiniň boljak ýeri we wagty barasynda prokurora, adwokata habar bermeli hem-de aýyplanýany, jebir çekeni, jebir çekeniň kanuny wekilini we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmaly.

A.H.Gurbanow barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde -tussaglykda galdyrmaly.

Kazy: B.Durdyýew

*(Kämillik ýaşyna ýelmedigiň jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, kazyýet seljerişini bellemek hakynda)*

## KESGITNAMA

2009-njy ýylyň 10-njy iýuly N şäheri

N welaýatynyň N şäher kazyýeti düzümde: kazy K.Saparowyň başlyklyk etmeginde , kazyýet oturdaşlary S.Hanowadan we L.Garaýewadan ybaratbolup, SAmanowanyň kätipliginde, prokuror SAşyrowyň gatnaşmagynda, kazyýetiň serenj am mejlisinde, N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynyň 3-nji bölegiiniň "a" bendinde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde aýyplanýan, 1992-nji ýylyň 10-njy martynda doglan, orta bilimli, hiç ýerde işlemedik, kämillik ýaşyna ýetmedik Kemal Berdiýewiç Sähedow barada jenaýat işiň materiallaryna seredip,

anyklady:

Jenaýat işi degişliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli.

Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaga we kazyýet seljerşinde garamaga ýeterlik esaslar bar.

Deslapky derňewde jenaýat iş ýörediş kanunynyň talaplarynyň bozulmalarynaýol berilmändir.

Aýyplaw netijenamasy düzülende Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasynyň talaplary berjaý edilipdir.

Beýan edilenler esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-331 -nji we 333-337-nji maddalaryny gollanyp, kazyýet

kesgitledi

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynyň 3-nji böleginiň "a" bendinde göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde aýyplanýan kämillik ýaşyna ýetmedik Kemal Berdiýewiç Sähedowyň jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaly we açyk kazyýet seljerişinde 2009-njy ýylyň 17-nji iýulynda sagat 10-00-daN şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli. Kazyýet seljerşiniň boljak ýeri we wagty barada prokurora, adwokata, aýyplanýanyň kanuny wekiline we kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky topara habar bermeli hem-de aýyplanýany, jebir çekeni we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mej 1 i si ne çagyrmaly.

Aýyplanýan K.B.Sähedow barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde -tussaglykda galdyrmaly.

Kesgitnama barada 10(on) gije-gündiziň dowamynda şu şäher kazyýetiniň üsti bilen N welaýat kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar kollegiýasyna hususy şikaýat we teklipnama bildirilip bilner.

Başlyklykediji: K.Saparow
Kazyýet oturdaşlary: S.Hanowa
L.Garaýewa

*(Has ýeňil jenaýat kanunyny ulanmak bilen aýyplanýanyň işini kazyýet seljerişine bellemek hakynda)*

## KESGITNAMA

2009-njy ýylyň 20-nji iýuly N şäheri

N welaýatynyň N şäher kazyýeti düzümde: kazy H.Saparowyň başlyklyk etmeginde, kazyýet oturdaşlary A.Hallyýewadan we O.Saryýewden ybarat bolup, O.Berdiýewanyň kätipliginde, prokuror A.Myradowyň gatnaşmagynda, kazyýetiň serenjam mejlisinde, N şäher kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda, 1975-nji ýylyň 15-nji martynda N şäherinde doglan, orta bilimli, hiç ýerde işlemeýän, öň işkesilmedik,N şäheriniň N köçesiniň 10-njyjaýynyň 5-nji öýünde ýaşaýan, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 230-njy maddasynyň 1 -nji böleginde göz öňünde tutulanjenaýaty etmekde aýyplanýan Sazak Berdiýewiç Gandymow barada jenaýat işine seredip,

a n y k 1 a d y :

Deslapky derňew edaralary tarapyndan S.B.Gandymowa şeýle aýyp bildirilipdir, ýagny ol 2009-njy ýylyň 19-njy aprelinde sagat 19-larda **N** şäheriniň N köçesiniň 25-nji jaýynda ýaşaýan Ş.Kakaýewiň öýünde myhmançylykda bolup, onuň bilen spirtli içgileri içipdir we haçanda Ş.Kakaýew serhoş halda uklap galanda, S.B.Gandymow oňa bildirtmän, penjeginiň jübüsinden 50 manadyny ogurlap alypdyr.

S.B.Gandymowyň bu hereketlerini deslapky derňew edaralary Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 230-njy maddasynyň 1-nji bölegi bilen maddalaşdyrypdyrlar.

Iş boýunça düzülen aýyplaw netijenamasynda hem aýyplanýan **S**.B.Gandymowyň hereketleri ýokarda görkezilşi ýaly beýan edilen we ondan ugur alsaň onuň hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynyň 1 -nji bölegine geçilip, gizlin edilen ogurlyk hökmünde maddalaşdyrylmaga degişli.

Aýyplaw netijenamasynyň galan bölegi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 322-nji maddasyna laýyklykda düzülipdir.

Jenaýat işi degişliligi boýunça şu kazyýetde seredilmäge degişli.

Jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine almaga we kazyýet seljerşinde garamaga ýeterlik esaslar bar.

Beýan edilenleriň esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 330-331-nji we 333-337-nji maddalaryny gollanyp, kazyýet

kesgitledi:

Sazak Berdiýewiç Gandymowyň, aýyplaw netijenamasynda görkezilen jenaýatçylykly hereketlerini Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 230-njy maddasynyň 1-nji böleginden, şol Kodeksiň 227-nji maddasynyň 1-nji bölegine geçip, maddalaşdyrmaly we jenaýat işini kazyýetiň önümçiligine alyp, açyk kazyýet seljerişinde 2009-njy ýylyň 3-nji awgustynda sagat 10:00-da N etrap kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda seretmeklige bellemeli.

Bu barada prokurora, adwokata habar bermeli we aýyplanýany, jebir çekeni we aýyplaw netijenamasyna goşulan sanawda görkezilen şaýatlary kazyýet mejlisine çagyrmaly.

Aýyplanýan S.B.Gandymow barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküliginde - hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil hatyda gald>Tmaly.

Kesgitnama barada 10 (on) gije-gündiziň dowamynda şu şäher kazyýetiniň üsti bilen N welaýat kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazylar kollegiýasynahususy şikaýat we teklipnama bildirilip bilner.

Başlyklykediji: H.Saparow

Kazyýet oturdaşlary: A.Hallyýewa<br>K.Durdyýew

## Edebiýat


1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap., Saýlanan eserler 1-2-nji tom, Aşgabat 2008-2009 ý.ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – “Ylym”neşirýaty – Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”. Aşgabat, 2008 ýyl.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007 ýyl.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow “Täze Galkynyş eýýamy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.
8. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly” . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”. Aşgabat, 2008 ýyl.
13. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007 ýyl.
14. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.
15. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

16. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. (ikinji kitap) – Aşgabat, 2004.
17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992, 2008.
18. Türkmenistanyň Adwokatura baradaky düzgünmamasy. Aşgabat, 1980 ý.
19. Türkmenistanyň Döwlet Notariaty hakyndaky kanuny 30.04.99. Aşgabat, 1999 ý.
20. Türkmenistanyň jenaýat-prosessual kodeksi. Aşgabat, 1988 ý.
21. Türkmenistanyň jenaýat kodeksi, Aşgabat, 1997ý.
22. Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky kanuny, Aşgabat, 2009ý.
23. Алексеев Н.С., Макарова 3.В.Ораторское искусство в суде. Ленинград-2001.
24. Апресьян Г.Х.Ораторское искусство. -Москва-1999.
25. Бояринцева Г.С.Культура речи юриста. -Саранск- 1997.
26. П.Введенская Л.А., Павлова Л.Г. Риторика для юриста.-Ростов-на-Дону-2002.
27. Загорский Г.И. Судебная речь.-Москва-1998. 19.Ломовский В.Д. О судебной речи. -Калинин-1990.
28. Макарова .В.Судебная речь.-Куйбышев- 1985.
29. Михайловская Г.Н., Одинцов В.Л. Искусство судебного оратора. -Москва-.2000.
30. Сергеич П. Искусство речи на суде. -Москва-2000.
31. Стесовский Ю.И. Советская адвокатура. -Москва-1989.
32. Taganow B. Jenaýat iş ýöredişi.-Aşgabat-2002.
33. Томин В.И. Уголовный процесс.-Москва-2001.
34. Царев В.И.Слово государственному обвинителю.-Москва-2002.
35. Шейфер С.А. Собирание доказательств в уголовном процессе.-Москва-1986.
36. Якупов Х.Р. Уголовный процесс-Москва-1998.

**MAZMUNY**

Giriş ............................................................................7
Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistanda bilimiň, ylymyň kämilleşdirilişi.......................................................9
Anyklaýyş we deslapky derňew barada umumy düşünje.....................................................................16
Aýyplanýanyň we jebir çekeniň hukuklaryny üpjün etmek boýunça kabul edilýän hukuk resminamalary ........20
Aýyplanýana günä yglan etmek, ätiýaçlyk çäreleri ...22
Deslapky derňewiň gutarylmagy bilen baglanyşykly resminamalar............................................................25
Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek .......................................................................27
Jenaýat işiniň birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde işi seljermegiň tertibi we onda düzülýän resminamalar. Raýat işi kazyýet seljerişine taýýarlamak...........................................................30
Raýat işiniň birinji, nägilelik (kassasion) we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde garalşy ...................33
Täze ýüze çykan ýagdaýlar böýunça jenaýat işlerini täzeden gozgamak...............................................39
Hukuk resminamalarynyň nusgalary.......................44
Edebiýat ...................................................................69